# Beton döwlet

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Beton döwlet BETON DÖWLET




Döwlet halk üçinmi ýa halk döwlet üçin?
«Döwlet – biz» diýip, meýdanlarda gygyryşýanlar eýýäm näçe gün bäri kesekleriň astynda halas edilmegine garaşýan adamlaryň dadyna nämüçin şobada ylgamady?
El telefonlaryndan halas ediş toparlaryna, maşgalasyna we meýletin halas edijilere jaň etjek bolýan bendeler üçin sosial mediýany gysyp, buz ýaly sowuk ölüme terk edenler ol döwletiň niresinde?
Betbagtlygyň bolan ýerinden täzelikleri şirin janlaryny orta goýup halka ýetirmäge dyrjaşýan žurnalistlere «döwlete gep getirmäň» diýip, şermendelik edýänler kimiň peýdasyna işleýär?
Bir gyrada duran onlarça kran, kamaz, serişdeler jebir çekenleriň hyzmatyna berilenok, onda döwletiň çeşmeleri nirä gidýärkä?
Hataýda ýer ýarylyp şäheri ýuwdanda, on müňlerçe adam maşgalalaryň, goňşy-golamlaryň, meýletinçileriň diş-dyrnak bolup gazyp açan garaňky çukurlaryndan öli ýa diri çykarylan wagty döwlet näme işleýärdi?
Entek birinji gününde ýer titrän ýere goýberilmeli goşun bölümleri döwletiň haýsy karary bilen gijikdirilýär?
Meýletinçileriň öz mümkinçiligi we zähmegi bilen taýýarlanan

azyklary, beýleki gerekli serişdeleri alyp barýan ýük awtoulaglary haýsy karara esaslanyp şähere girmegine beset bolunýar?
Ýer sarsgynynda kagyz ýaly pytrap giden, gurlanyna ýaňy bir ýyl bolan binalaryň jaý gurmaga beden ygtyýarnamalarynda haýsy döwlet edaralarynyň goly bar?
2000-nji ýyldan bäri halkyň kisesinden ýer titreme salgydy diýip toplanan 88 milliard lira döwlet mehanizminiň haýsy boşluklarynda sumat boldy?
Döwlet halk üçinmi ýa halk döwlet üçin?
Döwlet diňe halk üçindir.
Döwlet – halkyň jan saglygyny, asuda durmuşyny, howpsuzlygyny, hak-hukuklaryny, ätiýaçlyklaryny, jemgyýetçilik tertip-düzgünini berjaý etmäge borçly mehanizmdir.
Bolmanam halk «niredediň?» diýibem sorar, «nämüçin etmediň?» diýibem…
Döwlet öz hojaýyny hasaplaýan halkyna jogap bermäge borçludyr.
Halka zowal getirmezlik döwletlle zowal getirmezlikden has wajypdyr.
Şindi peýdakeşlik, talaňçylyk, korrupsiýa bilen halky betona gömen sistemanyň halky nähili ýok edendigine şaýat bolýarys.
On müňlerçe adam, ýüz müňlerçe ömür, millionlarça gaýgy-gam döwletiň gözüniň alnynda keseklериň astynda galdy.
Döwlet refleksini we üşügini ýitirip, betonlaşdy.
Düýpsüz ýalňyzlyga gapgarylan halkyň hasap sorajak güni şol betonyň çat atjak güni bolar.
Elçin POÝRAZLAR.

«CUMHURIYET» gazeti, 10.02.2023 ý. Publisisistika